# Oguz ýyldyzlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Oguz ýyldyzlary Oguz ýyldyzlary

Oguz ýyldyzlary ýaşan badyna
Argyşa ugraýar oguz kerweni.
Her kendiñ duşundan kerwen goşulýar,
Kerweni goraýan begler goşulýar,
Kerwen barýar açyp täze ýerleri.

Kerwen barýar guşlañ ýolun yzarlap,
Yzlap barýar durnalaryñ ýoluny.
Düýeleriñ ýüki mata hem marlak,
Kişdedi, kişmişdi, palas halydy.
Alty aýlap ýol ýöreýär ol kerwen,
Ýük ýazdyrýar Enesaýda,
Altaýda.
Garşyla kerweni Sowur hem Taýga,
Haly, palas, mata-marlagy bilen,
Begendirip buz ýurdunyñ halkyny,
Tümenden alýar ol lagyl-altyny.
Gyzyldan alýar ol gyzyl-kümüşi,
Ýakutdan alýar ol ýakut-merjeni,
Bürünm alyp, kümüş alyp,
mis alyp,
Iller bilen dogan bolup, dost bolup,
Yzyna dolanýar oguz kerweni.
Açyp entek barylmadyk ýerleri,
Baýlyk basyp düýeleriñ üstüne,
Kerwen gelýär dünýäñ baýlygyn alyp,
Oguz ýyldyzlary dogan destine.

---

1-Ülker ýyldyzlar toplumyna Öküz, ýagny Oguz ýyldyzlar toplumy diýip at beripdirler.

2-Sowur soñra Sibir bolýar.
3-Tümen – gadymy dilde altyn diýmek.
4-Gyzyl, Ýakut şäherleri häzir hem bar.

Saparmyrat TÜRKMENBAŞY Goşgular